Dem alyş synalarynyň üsti bilen bedene kesel dörediji hasownuk bedenler (mikroorganizmler) we tozanjyklar düşüpbilerler. Olar dem alyş ýollarynyň ýokarky bölekleriniň nemlibardalaryna ýelmeşip galýarlar. Soňra olaryň bir bölegi kirpikli epiteliýa tarapyndan daşary çykarylýar. Has ownuk bedenleriň ep-esli bölegi bolsa nem bilen zyýansyzlandyrylýar. Emma käbir has ownuk bedenler we tozanjyklar her niçik-de bolsa, dem alyş ýollaryna, käwagtlar bolsa öýkene düşýärler. Olar dürli keselleriň döremeklerine sebäp bolup bilerler. Şol keselleriň köpüsi ýokanç kesellerdir. Olara **dümew**, **inçekesel**, **gyzamyk**, **hörezek** (täjihoraz), **difteriýa** we başgalar degişlidirler.

Özüňizi we töweregiňizdäkileri şol kesellerden nähili gorap saklamaly? Dümewlän adamlaryňburun deşiklerinden we agzyndan asgyran we üsgüren wagtlarynda uly güýç bilen howa çykarylýar. Şol howada gözegörünmeýän millionlarça damjajyklar bar. Şol damjajyklardahem wiruslar saklanýarlar. Eger-de ol damjajyklar sagadamyň dem alyş synalaryna düşäýse, onda oňa dümewýokuşyp biler. Şeýle damjajyklar keselliniň hususy zatlarynyň üstünedüşüp, olaryň üsti bilen hem sag adamlara ýokuşmaklygy mümkindir. Bularyň hemmesi dümewiň damja ýokuşyjysyna (infeksiýasyna) degişlidigini görkezýär. Şonuň üçin üsgüreniňizde we asgyranyňyzda, damjalar howa ýaýramaz ýaly, agzyňyzy we burun deşikleriňizi elýaglygyňyz bilen ýapmalydyr.

Şeýle etseňiz, siz töweregiňizdäki adamlary keseliň ýokuşmagyndan gorap saklarsyňyz. Keselli bilen umumy gapdan, ýorgan-düşekden, el çalgyçdan peýdalanmalydäldir. Şolzatlardan dümew dörediјileraňsatlyk bilen siziň burun weagyz boşluklaryňyza düşüp bilerler. Siz haçanda dümewkeselli adam bilen aragatnaşyk edeniňizde, agzyňyzy hasadaňysy bilen ýapyň, çünki ol howany geçirýär, emma içindekesel dörediјileri bolan damjajyklary saklaýar. Köplenç, dümewiň garşysyna keseliň öňüni alýandermanlaryulanýarlar, ony burna pürkmek ýoly bilenpeýdalanýarlar. Şonuň bilen birlikde durmuşda-da keseliňöňüni alyş çäreleri berjaý edilmelidir. Kesellän wagtlaryçagalary aýry saklamalydyr. Jaýyň pollaryny 0,2%-li hlorlyhekiň ergini bilen ýuwmak hem dümewiň zäherleriniňkem-käsleýin ýok bolmagyna eltýär.

**Inçekesel.** Bu keseliň dörediјisi taýajyk şekilli bakteriýadyr. Köplenç, olaryň inçejik taýajyk ýa-da uçlary tegelenen egri görnüşleri bardyr. Inçekeseliň ýokuşmaklygynyň çeşmesi keselli adam bolup biler. Kesel dörediji, köplenç, howa arkaly ýaýraýarwe öýkenleri keselledýär. Ýokanç (infeksiýa)dem alynýan howabilen bilelikde gakylyk damjasy görnüşinde öýkene düşüpbiler. Şeýle hem keselliniň ulanan gabynyň, geýiminiň, el çalgyjynyň we beýleki hususy zatlarynyň üsti bilen geçip biler. Damjajyklar gurandan soň, inçekesel taýajyklary tozan bilen birlikde poluň we jaýdaky dürli zatlaryň üstüne düşýärler. Olardan hem tozanjyklar görnüşinde adamyň dem alyş synalaryna düşüp bilerler. Bular inçekesel taýajygynyň diňe bir damja ýokuşdyryjysy bolman, şeýle hem tozan ýokuşdyryjysydygyny görkezýärler. Inçekesel taýajygy diňebir öýkeni zaýalaman, limfatik ýollara, süňklere, bogunlara, derä, plewra, garna hem zeper ýetirip bilýär. Kesel – gyzgynlygyň galmagy (37–37, 5C), işdäň tutulmagy, umumy gowşaklygyň ýüze çykmagy, gyjynyjylygyň

ýokarlanmagy bilen başlanýar. Ýadawlyk ep-esli artýar. Bedende (organizmde) kesel döredijiniň zäheriniň täsiriniň (intoksikasiýanyň) ösýänligini görkezýän üsgülewük we beýleki alamatlar peýda bolýarlar. Inçekesele garşy göreşmekde janly waksina sançmaklygyň hem aýratyn ähmiýeti bardyr. Birnäçe ýurtlarda başlanan şular ýaly ýörite öňüni alyş çäreleri oňat netijeleri berdi. Şeýlelikde, häzirki zaman saglygy saklaýşy (medisinasy) inçekeseli bejermekde uly üstünlikler gazandy. Soňky on ýyllykda keselleriň düýpli bejerilmegi netijesinde inçekeselleriň sany köp derejede azaldy.

**Gyzamyk.** Örän köp ýaýran ýokanç keseldir. Kesel dümewden we üsgülewükden başlanýar. Soňra asgyrmak we ýagtydan gorkmaklyk (keseliň alamaty) peýda bolýar. Kesselliniň gyzgynlygy 38–390 C-ä çenli ýokarlanýar, gözleri we damagy gyzarýar, keseliň 4–5-nji günleri dulugyň nemli epiteliýasynda aksowult üýtgeme emele gelýär. Bedeniň üstünde iri tegmilli örgün ýüze çykýar . Örgüniň 5-nji güni, gyzamygyň ýokuşyş döwri gutarýar. Keseliňbaşlan wagtyndan 7–8 gün geçenden soň, keselli gutulypbaşlaýar. Gyzamyk kesselliniň bedenini gaty gowşadýar, onuň goranyş güýjüni peseldýär, içagyry, bogaz agyry keseli, inçekesel ýaly keselleriň ýüze çykmagyna sebäp bolýar, öňkigeçirilen keselleriň ýitileşmegine eltýär. Gyzamyk bilen kesellän gyzgynynyň galyp başlan gününden soň, on günüň dowamynda keseli ýokuşdyrmaga ukyplydyr. Adatça, gyzamyk bilen bir gezek kesellenýär. Kesel geçenden soň kesellide durnukly immunitet peýda bolýar. Gyzamyk, aýratyn hem, kiçi ýaşly (iki ýaşa çenli) çagalar, şeýle hem gowşak ösen çagalar üçin has howpludyr. Ulurak ýaşly çagalarda ol ep-esli ýeňil geçýär. Gyzamyk bilen kesellän çagany töwerekdäki çagalardan aýra saklamaly. Keselli çagany bejermekde we gaýrüzülmeginiň öňüni almakda esasy zat, oňa gowy seretmekdir. Adatça, gyzamyk bilen kesellänleri öý şertlerinde bejerýärler. Egerde gyzamyk gaýrüzülmeler bilen agyr geçse, onda kesellini keselhana ýerleşdirmeli.

**Garamyk.** Bu keseliň döredijisi wirusdyr. Ol howaarkaly ýokuşýar. Sag adamyň kesellemegi üçin keselli adam bilen bir jaýda az wagtlyk bolmagy ýeterlikdir. Bu zäher durnukly däldir, jaýy oňat arassalasaň we şemallatsaň, ol ýok bolýar. Wirusyň ýokuşan wagtyndan keseliň ilkinji alamatlarynyň ýüze çykýan döwrüne çenli 9-dan 21 güne çenli wagt geçýär. Kesel tebigy mama keselini ýadyňa salýar. Ol göni gyzgynyň galmagy (38–390 C-ä çenli), kelläň agyrmagy we bütin endamyňda içi bulanygrak erginden dolan gabarçaklaryň döremegi bilen başlanýar. 2–4 günden soň gabarçaklaryň ergini has-da bulanýar. Gabarçaklaryň töwereginde gyzyl aýlaw emele gelýär. Soňky günler köne gabarçaklar gurap, täzeleri peýdabolýar. Şol wagtlarda näsag çaga gijilewük duýýar, ol guraýan gabarçaklary gaşap goparýar. Ýara hapa düşmegi kesel geçişini has çylşyrymlaşdyrmagy mümkin. Şonuň üçin hem näsagy arassa saklamak, onuň eşiklerini ýygy-ýygydan çalşyryp durmak we gaşanmaklygyna ýol bermezlik örän möhümdir.

**Hörezek** ýa-da **täjihoraz.** Bu ýiti agyryly ýokanç keseldir. Onuň bilen, köplenç, 3-den 8 ýaşa çenli çagalar keselleýärler. Ol hemme ýerde duş gelýär. Aram we sowuk howaly ýurtlarda kesellilik has ýokary derejede saklanýar. Hörezege pasyllaýyn ýüze çykmak hem häsiýetlidir.

Keselliligiňiň köp wagty güýz, gyş aýlarydyr. Hörezegiň ýokuşmaklygy ýakyn aragatnaşykda bolnandawe howa – damja ýoly bilen bolup biler, şeýle hemkeselliniň ulanan zatlarynyň üsti bilen hem geçip biler. Käwagt hörezek angina bilen kesellän uly adamdan hemýokuşyp biler, çünki anginany dörediji hem hörezegi döredýänşol bir has ownuk kesel dörediji bedendir (mikrobdyr). Bir ýagdaýda ol dörediji hörezegi döredýär, beýleki ýagdaýdabolsa hörezegiň ýeňil görnüşini – anginany döredýär. Hörezegiň agyr görnüşi has gyzgynly başlanýar. Gyzgynlyk 400 C-ä çenli galýar, tiz-tizden gusma peýda bolýar, keselli çaga özünden gidýär, nerw we ýürek-damar ulgamynyň bozulmagy bolup geçýär. Hörezek keseline garşy göreşde kesellini sag adamlardan aýra saklamak, kesellä seredilişini dogry guramak, şeýlehem şahsy gigiýenany berjaý etmek esasy çärelerdir.

**Difteriýa (ýokançly bogaz agyry keseli).** Difteriýa gadymdan bäri çaga keselleriniň iň gorkulylarynyň biri hasap edilip gelnipdir. Geçmişde (XIX asyrda we XXasyryň başlarynda) difteriýa bilen kesellemeklik ýokary derejede saklanypdyr. Onuň epidemiýasy köp adamlary heläk edipdir. Difteriýany dörediji taýajyk görnüşli bakteriýadyr. Ol howa arkaly keselli bilen gönüden-göni gatnaşykda we kesselliniň zatlarynyň üsti bilen geçip biler. Bogazagyry keseli bilen uly adamlaram keselläp bilerler, ýöne, köplenç, ol 7 ýaşa çenli çagalara ýokuşýar. Kesel ýokuşanda ýüze çykýan döwrüne çenli (keseliň inkubasion döwri), adatça, 2-den 7 güne çenli wagt geçýär. Bu keseliň ýapyk döwrüdir. Şol döwürde mikroblaryň güýçli köpelişi bolup geçýär. Bogazagyry keseli bilen kesellän bedende (organizmde), mikroblara garşy, esasan hem, difteriýa zäherine garşy goranyş maddasy – antitoksin işlenip çykarylýar. Şonuň üçin hem beden (organizm) uzak wagtlap şu kesel bilen kesellemezlik häsiýetine eýe bolýar. Difteriýa keseline garşy işjeň immunitet döretmeklik bedene (organizme) difteriýa taýajygyny zyýansyzlandyryjy toksini sançmak bilen geçirilýär. Bogazagyry keseliniň öňüni alyş sanjymlary hemşol esasda geçirilýär.

**Çeşme:** Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan taýýarlanan, 8-nji synplar üçin “Biologiýa” dersi boýunça okuw kitaby

Paýlaşyň: